# Gaýdyp geldiñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gaýdyp geldiñ GAÝDYP GELDIÑ

Ýene-de dolandyñ meniñ kalbyma,
Gaýdyp geldiñ arzuwlara-hyýala.
Getiren şatlygyñ uly bagtyñdan,
Yşkyñdan püre-pür doly pyýala.

Göwün çarbagymda eken bägüliñ,
Söýgimizden güller açdy bireýýäm.
Sen maña şeýlebir eziz, mähriban,
Diýmesem-de saña: «Men seni söýýän!»

Gaýdyp geldiñ ýene-de meñ dünýäme,
Senli wagtym bagtly men şu pursat.
Garaşanma degýär getiren bagtyñ,
Señ mähir-yşkyñdan ýylap dur gursak.

Leýla ÇARYÝEWA. Goşgular